# Kysasyl enbiýa -4: Hezreti Adam alayhyssalamyň ýaradylmagynyň beýany

Category: Halk döredijiligi we rowaýatlar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Kysasyl enbiýa -4: Hezreti Adam alayhyssalamyň ýaradylmagynyň beýany IKINJI PASYL



HEZRETI ADAM ALAÝHYSSALAMYŇ ÝARADYLMAGYNYŇ BEÝANY
Benijan Iblise boýun bolan wagtyndan başlap olar pany dünýä köňül berdiler. Allatagaladan: «Men ýer ýüzünde özüme wekil ýaratmakçydyryn. Men ony özüme hemmeden eziz tutaryn» diýen owaz geldi. Bu sözüň owazasy ýokardaky, aşakdaky, suwdaky, toprakdaky, howadaky perişdelere ýaýrady. Azazyl perişdelere: «Eý, perişdeler! Hudaýtagala ony ýaratsa, ol Benijandan hem agyrrak günä eder. Ondan köp bozuklyk ýüze çykar. Allatagala sizi onuň hyzmatyna salar. Siz Taňra: «Eý, Hudaýymyz!» Eger sen ony tesbih we tehlil üçin ýaratmak isleýän bolsaň, bu işleri biz edeli. Eger biz tagat-ybadaty kem eden bolsak, ony köpeldeli» diýiň» diýdi. Perişdeler: «Eý, Taňrymyz! Ony

ýaratmagyň sebäbi nämedir? Günä işleri Benijan edýär, biz bolsa seniň ybadatyňa meşguldyrys» diýdiler. Allatagala olardan: «Men ony ýaratsam näme bolar?» diýip sorady. Perişdeler: «Sen ony ýaratsaň, ol ýer ýüzüni bozuklyk we günä işlerden doldurar. Onuň perzentleri biri-biriniň gybatyny ederler, şerap içerler, zyna ederler, nähak gan dökerler, ata-enelerine azap bererler, gaty-gaty gülerler, ýetimiň hakyny iýerler we biri-biriniň mallaryny ogurlarlar» diýip jogap berdiler. Allatagaladan: «Eý, perişdeler! Olaryň işlerini diňe meniň özüm bilýärin, siz bilmeýärsiňiz. Siz olaryň gan dökjekdigini bildiňiz, emma bu işden toba edip, göz ýaşlaryny dökjekdiklerini bilmediňiz. Olaryň günä işleri etjekdiklerini bildiňiz, emma munuň üçin ahy-pygan tartjakdyklaryny bilmediňiz. Olaryň biri-birleriniň gybatyny etjekdiklerini bildiňiz, emma olar bilen biziň aramyzdaky mähru-muhabbeti bilmediňiz. Olaryň şerap içjekdigini bildiňiz, emma olaryň bu günä sebäpli hunaba ýuwutjakdyklaryny bilmediňiz. Olaryň başga hem dürli günäleri etjekdigini bildiňiz, emma olaryň tagat-ybadata meşgul boljakdyklaryny bilmediňiz. Siz olaryň säwlik-hatalaryny bildiňiz, emma meniň hatalaryny bagyşlajakdygymy bilmediňiz. Siz meniň gahar-gazabymy bildiňiz, emma meniň olara etjek rehim-şepagatymy bilmediňiz. Eý, perişdeler! Meniň erk-islegime garşy çykdyňyz, indi goý siz meniň älemimden çykyň. Men hemme zady özümiň gadymy ylmym bilen bilýärin. Siz bu zatlary bilmeýärsiňiz. Meniň dostum Muhammet alaýhyssalam hem Adam oglundan bolar. Bu Gök, Ýer, jahan, behişt, dowzah, Arş, Kürs, Lowh, Galam, Adam, haýwanlar, perişdeler, döw-periler, hemme jandarlar Muhammet alaýhyssalamyň nurundandyr. Bu zatlaryň hemmesini men bilýärin, başga hiç bir kişi bilmeýär» diýen owaz geldi. Allatagala olara ýene: «Siziň ybadatyňyz galplyk we ikiýüzlülik bilendir. Adam oglunyň bozuklygy dönüklik we ejizlik bilendir. Meniň der-gähimde galplyk hemme günälerden beterräkdir. Ejizlik we kiçigöwünlilik meniň üçin galplyk bilen edilen ybadatdan ýagşyrakdyr. Kim Maňa günäkärçilik etse we ebedi erkime garşy çyksa, ol meniň älemimden çyksyn» diýdi. Bu sözleri Allatagala şeýle gazap bilen aýtdy weli, hemme perişdeler gara döw dek

bolup galdylar. Olardan perişdelik sypaty aýryldy we olar günäkär boldular. Olar aýdan sözlerine ýüz müň puşman etdiler. Emma bu öküç olara hiç peýda bermedi. Olar ümsüm bolup, ýer dyrmalap galdylar. Elbetde, her bir şowlulyk we ýardam bermeklik Allatagalanyň emri bilendir! Halk döredijiligi we rowaýatlar